# Turkmence - Aýallar - Wives Scriptures

**Efesliler 5:22-24 Eý, aýallar, Rebbe tabyn bolşuňyz ýaly, äriňize hem tabyn boluň. 23 Imanlylar ýygnagynyň Halasgäri bolan Mesih onuň Başydyr. Edil şunuň ýaly, erkek hem aýalyň başydyr. 24 Şonuň üçin imanlylar ýygnagynyň Mesihe tabyn bolşy ýaly, aýallar-da ähli zatda öz ärine tabyn bolsunlar.**

**Efesliler 5:31,33 Töwratda şeýle ýazylan: «Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar». 33 Şunlukda, her biriňiz aýalyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň, aýal hem ärine hormat goýsun.**

**1 Korintoslylar 7:3 Är öz aýaly babatda, aýaly-da öz äri babatda är-aýallyk borçlaryny berjaý etmelidirler.**

**1 Korintoslylar 7:34 Şeýdip, onuň kalby ikä bölünendir. Ärsiz aýal ýa-da durmuşa çykmadyk gyz Rebbiň işleriniň aladasyny edip, özüni jan-tenden Rebbe bagyş edendir. Emma ärli aýal öz äriniň göwnünden turjak bolup, bu dünýäniň işlerini alada edýändir.**

**Koloseliler 3:18 Eý, aýallar, äriňize tabyn boluň, çünki şeýle etmek Rebbe degişli adamlara ýaraşýandyr.**

**1 Timoteos 2:11-15 Aýal ýygnakda öwredilýän zatlary ümsüm we doly tabynlykda öwrensin. 12 Aýalyň ýygnakda öwretmegine, erkegiň üstünden agalyk sürmegine ygtyýar bermeýärin. Ol sessiz-üýnsüz bolsun. 13 Çünki ilki Adam ata, onsoň How ene ýaradyldy. 14-15 Aldananam Adam ata däldi. Aýal aldanyp, günä gazandy we näletlenip, dogrum burgularyna sezewar edildi. Emma aýal iman edip, söýgi we mukaddeslik ýörelgelerine eýerse, bu nälete garamazdan halas ediler.**

**Gelip Çykyş 3:16 Beýik Hudaý aýala şeýle diýdi: «Göwrelilik döwrüňdäki hasratyňy has artdyraryn, Agyr burgy bilen dograrsyň çagalaryňy sen, Sen äriňe meýilli bolarsyň, Emma ol höküm sürer seniň üstüňden».**

**1 Petrus 3:1,2 Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler. 2 Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler.**

**Titus 2:1-5 Sen bolsa sagdyn taglymata laýyk gelýän zatlary öwret. 2 Gojalara parasatly, hormata mynasyp, özlerine erk edip bilmekleri, iman, söýgi we sabyr-takat babatda sagdyn bolmaklaryny ünde. 3 Şonuň ýaly, garry aýallar hem gybata, şeraba ýykgyn etmän, tersine, Hudaýyň halkyna gelişýän tärde ýaşap, hemmelere ýagşy zatlary öwretmeklerini ünde. 4-5 Hudaýyň Hoş Habaryna dil ýetirilmez ýaly, goý, bu garry aýallar**

gelinlere öz ärlerini, çagalaryny söýmegi, özlerine erk etmegi, päk ahlakly, öýleri babatda yhlasly, mylaýym we ärlerine tabyn bolmagy öwretsinler.

Pähimleri 12:4 Mynasyp aýal äriniň başynyň täjidir, binamys aýal bolsa süýegiňi çüýreder.

Pähimleri 14:1 Akyldar zenan jaý gurýandyr, akmak aýal bolsa öýüni öz eli bilen ýumurýar.

Pähimleri 19:13 Akmak ogul atasyna beladyr, aýalyň igenji üznüksiz damja ýalydyr.

Pähimleri 21:9,19 Igenjeň aýal bilen öýde ýaşandan, üçegiň bir burçunda ýaşamak ýegdir. Igenjeň hem gaharjaň aýal bilen ýaşandan, çölde ýaşamak gowudyr.

Pähimleri 25:24 Igenjeň aýal bilen öýde ýaşandan, üçegiň bir burçunda ýaşamak gowudyr.

Pähimleri 27:15,16 Igenjeň aýal hem üznüksiz damýan damjalar biri-birine meňzeşdir. Ol aýaly saklamak ýeli duruzmak ýa-da sag eliň bilen ýagy gysymyňda saklamak ýalydyr.

Pähimleri 31:10-31 Başarjaň aýaly kim tapyp bilýär? Onuň gadyr-gymmaty jöwherden ýokarydyr. 11 Äri oňa ýürekden bil baglaýandyr, hiç zada mätäç bolmaz. 12 Ol ärine ýamanlyk däl-de, bütin ömrüne ýagşylyk edýändir. 13 Ýüňi we zygyry saýlaýandyr, elleri höwes bilen işleýändir. 14 Ol söwda gämileri ýaly, içerisiniň iýjegini uzakdan getirýändir. 15 Entek garaňkyka turup, içerisine nahar, hyzmatkärlerine tabşyryk berýändir. 16 Oýlanyp, ekin meýdanyny satyn alýandyr, eliniň gazanjy bilen üzümleri oturdýandyr. 17 Bilini berk guşap, gollaryna güýjüni toplaýandyr. 18 Harydynyň peýdasyny bilýändir, çyrasy gijesine-de sönýän däldir. 19 Elini çarha goýýandyr, barmaklary igi tutýandyr. 20 Garyba eli açykdyr, mätäje elini uzadýandyr. 21 Içerisi üçin gardan gorkýan däldir, çünki bütin içerisi galyň geýinýändir. 22 Özi ýorgan köpeýändir, lybasy nepis keteni we gyrmyzydyr. 23 Äri şäher derwezesiniň alnynda tanalýar, ýurduň ýaşulularynyň arasynda oturýandyr. 24 Keteniden lybaslar tikip satýandyr, söwdagärlere guşaklar eltip berýändir. 25 Güýç hem hormat onuň lybasydyr. Geljege seredip guwanýandyr. 26 Danalyk bilen sözleýändir, dilinde dogry öwütler bardyr. 27 Içerisiniň işlerine oňat seredýändir, ýaltalyk çöregini iýýän däldir. 28 Çagalary turup, oňa alkyş aýdýandyr, äri hem turup, ony taryplaýandyr: 29 «Başarjaňlyk bilen işleýän zenan köpdür, ýöne sen olaryň baryndan ýokarysyň». 30 Görmegeýlik aldawçydyr, owadanlyk puçdur, diňe Rebden gorkýan aýal taryplanýandyr. 31 Elleriniň miwesini oňa beriň, goý, şäher derwezesinde ony işleri öwsün.

Pastor T. John Franklin
Church of Salvation, Healing, and Deliverance
COS-HAD.org